# Men aýdyp-düşündirip bilemok, MRU düşündirsin…

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Men aýdyp-düşündirip bilemok, MRU düşündirsin… MEN AÝDYP-DÜŞÜNDIRIP BILEMOK, MRU DÜŞÜNDIRSIN…




ALEC bekedi…
MRU-nyñ (CIA – ABŞ-nyñ Merkezi Razwedka uprawleniýesi) Terrorçylyga garşy göreş merkezinde Usame bin Ladini yzarlaýan ýörite birligiñ ady.
Maýkl F.Şoýer (1952 ý.d) 2001-2004-nji ýyllarda ALEC bekediniñ şefi (başlygy) bolup işledi.
Haçan-da ol, 2004-nji ýylda ABŞ-nyñ Ysraýyl bilen ýakyn ýaranlygyny tankyt etdi welin, ýigrimi iki ýyllyk MRU karýerasyndan el çekmäge mejbur edildi!
ABŞ-nyñ Ysraýyl bilen baglanyşykly daşary syýasaty hakyndaky tankydy belliklerine dowam eden Şoýer bu gezek 2009-njy ýylda «global terrorizm boýunça analitik» bolup işleýän ýeri Jamestown fondundan kowuldy!
Birnäçe uly haýyr-sahawatçy Jamestown fonduna bagyşlan pullaryny yzyna aljakdygyny aýdyp, haýbat atdy. Nädip haýbat atmasynlar, ol şeýle diýipdi:
«Eýranlylar olara meçew bermese, ABŞ-na hiç hili howp salmaýar. Ysraýyllylara howp salýan bolmagy mümkin, emma ABŞ-na howp salanok.»

MRU-nyñ agenti M.Şoýer başgalardan üýtgeşik biridi… Meselem, ol «yslam terrorizmi» diýen kesgitlemäniñ ýerine «yslamçy

topalañ» sözüni ulanmagy öñe sürüpdi.
«Kaşmir, Sinjan (Hytaýyñ golastyndaky Gündogar Türküstan - t.b.), Çeçenistan diñe garaşsyzlyk ugrunda däl, eýsem guramaçylykly warwarlyga (eden-etdilige) garşy hem göreşýärler – ýagny bize garşy» diýip, MRU-nyñ bar pyssy-pyjurlykly meýilnamalaryny püçege çykarypdy!
Ol MRU-nyñ işgärlerini üçin El-Kaide hakyndaky maglumatlary toplap, “Through Our Enemies’ Eyes” («Duşmanlarymyzyñ gözi bilen») diýen gollanma kitaby çykarypdy.
Usame bin Ladiniñ 2007-nji ýylda ýaýran wideokassetasynda «Nämeleriñ bolup geçýändigine göz ýetirmek we bize garşy alyp barýan urşuñyzda ýeñilmegiñiziñ sebäplerini bilmek isleseñiz, onda Şoýeri okañ» diýmek bilen onuñ “Imperial Hubris” («Imperiýanyñ gylyjy») kitabyny göz öñüne tutupdy.
Dilimize «Gudrat körlügi» diýip terjime edilen başga bir kitabynda M.Şoýer bizi we biziñ ýurdumyzy ýakyndan gyzyklandyryp biljek kesgitlemeleri berdi:

## ■ MRU-nyñ EZBERLIKLERI

Hemişe nygtap gelýän bir sözüm bar, «çuñluga iniñ, çuñ gazyñ!» Munuñ üçin maglumatlara eýe bolmak we maglumatlary analitiki düşünje bilen täçlendirmek gerek.
Rehim-şepagatsyz uruşlaryñ bolup geçýän dünýäsinde duýgulara, duýguçyllyga ýer ýok. Bize ýol görkeziji bolup biljek diñe bir zat bar, olam – akyl-paýhasdyr!
Serediñ:
– ABŞ PKK-na (kürt terrorçylykly guramasy) ýarag kömegini edýärmi, olar bilen nebit baradaky şertnamalary baglaşýarmy, meniñ ýadyma şobada MRU-nyñ agenti Şoýer düşýär.
– YŞYD (yslamçy fundamentalist terrorçylykly gurama) diýilýärmi, FETÖ (Fethullahçy terrorçylykly gurama) diýilýärmi, meniñ ýadyma şobada MRU-nyñ agenti Şoýer düşýär.
– Müsür Liwiýa goşun ugratjakmyş diýilýärmi, meniñ ýadyma şobada MRU-nyñ agenti Şoýer düşýär.
Üns beriñ, tegelek ýigrimi iki ýyllap MRU-da işlän M.Şoýer şeýle diýýär:

«ABŞ-nyň ýeke-täk malsady içerki gapma-garşylygy döretmek. Günbatarly güýçler we Amerika Siriýa, Yrak we Owganystan ýaly ýurtlara goşun ugradaslary gelenok. Maksat – bu ýerlerde içerki uruşlary körüklemek. Häzir biziň iň uly unyr baglaýan zadymyz – sünnileriň we şaýylaryň ganlary gurap gutarýança bir-birlerine garşy uruşmaklaryny üpjün etmek».

Ol aýdýan sözlerini şu aşakdaky anyk deliller bilen berkitdi:

«Men YŞYD Bagdady eýelär öýdýärdim. Çünki sünnuler şaýylary öldürýärdi, biziň isleýänimizem şudy…»

Çünki amerikanlar bu oýny öň «El-Kaidäniň» üsti bilenem oýnapdylar. Hut şol sebäpli 11-nji sentýabrdan öň Bin Ladini öldürmek üçin 8-10 gezek mümkinçilik döränem bolsa, ony öldürjegem bolmadylar!
MRU gapma-garşylyklardan, agzalalyklardan, dawa-jenjellerden iýmitlenýär. Şonuň üçinem…
MRU – YŞYD-yň üsti bilen içerki uruşy döretdi…
MRU – FETÖ-nyň üsti bilen içerki uruş döretmäge synanyşdy…
MRU – amerikan konileriniň ýerine nebit guýularynyň başyna PKK-ny garawul goýdy…
MRU – Ýakyn Gündogarda tutanýerlilik bilen sünni-şaýy urşuny döretmek isledi. Maksat – «yslam urşuny» tutaşdyrmak, dogany dogana gyrdyrmak.
Türkiýäniň syýasatyna hut şu perswektiwadan baha bersek dogry bolmazmy? Aýasofýadan «Stambul şertnamasyna» çenli bizi içerki meselelere dolap getirýän emeli problemalara güýmenip, bar güýç-kuwwatymyzy ýitirýäris…
Serediň:

## ■ KELLÄNI GUMA SOKMAK

Gresiýa Egeý deňziniň, Gündogar Ortaýer deňziniň üsti bilen Türkiýäni gysaja salmak isleýär.
Müsür ýaragy ulanylyp, Liwiýanyň üstünden Türkiýä «ýumruk» somlanýar.
ABŞ Demirgazyk Siriýada PKK-na döwlet gurdurýar. Idlib lakyr-

lakyr gaýnaýar.
S-400-ler we F-35-ler ýa-da «Halkbank» dawasy kellämizi agyrtma kemini goýanok.
Ermeniler Azerbaýjanyň daşyna tor örýär.
Saud Arabystany türke duşman bolan her kes bilen ýaranlyk gurýar, ýeke-täk ýaranymyz Katary bogup öldüresi gelýär.
Ýewropa bileleşigi içi güjükli syýasatyny dowam etdirýär: COVID-19 pandemiýasyny peýläp, Türkiýäni «lagnaty ülke» yglan edýär, ýurdumyza turist gelmesiniň öňüne bent basýar.
Daşarda şugadar problemalarymyz barka, biz näme edýäs:
Bize ýakyn durýan Russiýa bilen gatnaşyklarymyzyň arasyna sowuklyk salmak üçin Aýasofýa problemasyny döredýäris.
Şu kynçylykly döwürde, baglaşylanyna üstünden dokuz ýyl geçensoň, «Stambul şertbamasynyň» üstünde jedele girýäris, gohlaşýarys.
Bularyň deregne, meselem, şunuň üstünde dursak gowy bolmazmy:
– Liwanda bolup geçen Beýrut partlamasy nämelere ýol açarka?
Kellämizi guma sokup ýatmakdan el çekeliň indi…
Gyzyklanýanlara şu maglumaty bereýin:
«Pulitzer» baýragynyň laureaty Lourens Raýtyň 2006-njy ýylda ýazan we 2018-nji ýylda teleseriallaşdyrylan adybir “The Looming Tower” FBI-niň (ABŞ-nyň Federal gullugy) we MRU-nyň arasyndaky ýiti bäsdeşligiň «11-nji sentýabr teraktyna» eden täsirinden söz açýar. Teleserialdaky “Martin Schmidt” obrazynyň prototipi bolsa Maýkl F.Şoýerdir…

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 06.08.2020 ý.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW. Publisistika